# Amannazar Atanyñ degişmelerinden

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Amannazar Atanyñ degişmelerinden AMANNAZAR ATANYÑ DEGIŞMELERINDEN

■ «Ýetişip bilmezler»

Bize saz çalmagy öwreden ussat sazanda Amannazar Ataýew öz köne «Zaporožesinde» bizi toýa alyp gitdi. Amannazar halypamyzyñ arkasy güdri-güpjek ýaly güberip durardy. Şonuñ üçin bolsun gerek, sesi haýal çykardy. Aýdymy pes sesde, örän labyzly aýdardy.
– Ýol bilen barýarkak, bäş-alty düýe ýolumyzy kesip geçdi. Şonda Amannazar:
– Meniñem tüñkejigim bularyñ yzyndan kowup barýar-how – diýip ýylgyrdy. Oturanlaryñ biri bada-bat:
– Ol aýdýanyñ-a dogrydyr, halypa! Ýöne düýeler «logar-logar» edişip, seniñ owazyñ yzyndan iki dünýäde-de ýetip bilmezler – diýip, barymyzy gülüşdirdi.

■ «Başga at alaýaryn»

Amannazar halypanyñ baran toýunda bir kişi burçda çaý içip oturan. Şady-horram bolup oturan märekäñ içinden biri onuñ arak içmän oturyşyna geñ galyp:
– Sen näme üçin içeñok? – diýip soran.
Ol kişi – «Men awtoulagly geldim. Ýolda GAI-ler köp» – diýen. Jaýdaky oturanlaryñ hemmesiniñ ünsi ol kişä öwrülýär. Ähli edip oturan gürrüñleri ýatdan çykýar. Ählisiniñ ünsi çaý içýäne gönügýär. Hemmesi «Iç, iç» diýip içirjek bolýarlar. Ol kes-kelläm içmejekdigini aýdýar. Onda Amannazar halypa:
– Inim, GAI saklasa, meniñ adymy beräý – diýip degişýär. Çaý içýän kişi:
– Men GAÝA seniñ adyñy bersem, sen näme etjek? – diýip soranda

halypa:
– Men başga at alaýaryn – diýip jogap berýär.

■ «Gawunlarymy tordan çykaraýaýyn?!»

Amannazar halypamyz Türkmenabat şäherindäki Seýitnazar Seýdi adyndaly mugallymçylyk institutynda okaýan döwründe bedenterbiýeden synag tabşyrýar. Küýküligi sebäpli tory hem göni depip bilmändir. Mugallym oňa degşip:
– Ataýew, şu futbol topuny üç gezek depip, birini tora salyp bilseň, bäşlik goýjak – diýende, Amannazar mugallymyň golaýyna baryp:
– Ýoldaş mugallym, beýdip meni kösemäň. Meniň ökde işim bar-a. Gowusy – men öýüňize düşüren on sany gawunymy tordan çykaraýaýyn – diýipdir welin, mugallym gülüp-gülüp, heziller edinäýipdir.

Amanmyrat USSAÝEW. Degişmeler